# Butlary kim döwdi?-1 (Ybraýym aleýhis salamyň kyssasy)

**Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.**

**1-But satyjysy.**

Gadym zamanda, obalaryň birinde örän meşhur but ýasap satýan Äzer atly bir adam bardy.

Olaryň obasynda bir uly bina bardy we bu uly binanyň içinde örän köp butlar bardy. We ynsanlar bu butlara sežde edýärdiler. Äzer hem edil beýleki ynsanlar ýaly bu butlara sežde edip ybadat edýärdi.

**2-Äzeriň ogly.**

Äzeriň örän akylly ýetginjek ýaşlarynda ogly bardy. Oglunyň ady Ybraýymdy. Ybraýym ynsanlaryň butlara sežde edip, olara ybadat edýänlerini görýärdi. Ybraýym butlaryň daşdan ýasalandygyny we olaryň eşitmeýändiklerini, görmeýändiklerini bilýärdi. Olaryň zyýan ýa-da peýda berip bilmejeklerini bilýärdi. Çünki butlaryň üstüne siňek gonanda, ol butlar ony kowup başarmaýandygyny Ybraýym görýärdi. Çünki butlaryň öňüne iýmit diýip, goýlan zatlary iýýän syçanlary kowmaga güýç ýetirmeýänligini görýärdi.

Şonuň üçin hem Ybraýym öz özüne: Näme üçin ynsanlar butlara sežde edýärler? Näme üçin ynsanlar bu butlara doga-dileg edip, olardan dileýärler!?-diýýärdi.

**3-Ybraýymyň nesihaty.**

Ybraýym kakasyna şeýle diýýärdi: Kakajan: Sen näme üçin bu butlara ybadat edýärsiň? Bu butlara näme üçin sežde edýärsiň? Näme üçin bu butlara doga-dileg edip, olara ýalbaryp ýakarýarsyň? Bu butlar gürlemeýärler ahyry, bu butlar eşitmeýärler ahyry? Bu butlar ne zyýan ne-de peýda berip bilýärler! Näme üçin bu butlaryň öňüne tagamlar we içgiler goýýarsyňyz? Eý kakajan: bu butlar iýip, içmeýärler ahyry!

Emma Äzer bu sözlere hiç düşünmeýärdi we gaharlanýardy. Ybraýym halka hem nesihat edýärdi, emma olar hem düşünmeýärdiler we oňa gaharlanýardylar.

Ybraýym öz özüne: Gowusy men ynsanlar butlaryň ýanyndan gidenlerinden soňra bu butlary döweýin, belki şonda düşünerler, diýdi.

**4-Ybraýym butlary döwýär.**

Baýram güni gelip ýetdi. Ynsanlar begenip öýlerinden gezelenje çykdylar. Ähli çagalar hem gezmäge çykdylar. Ybraýymyň kakasy öýden çykyp barýarka Ybraýyma: Sen biziň bilen gitjek dälmi, diýdi. Ybraýym: Men hassa, diýip jogap berdi.

Ynsanlar gitdiler we Ybraýym öýde ýeke galdy. Soňra Ybraýym butlaryň ýanyna gitdi we olara: Gürlemeýärsiňizmi? Eşitmeýärsiňizmi? Bu iýmit we içgi! Iýip içmeýärsiňizmi? Butlar dymýardylar. Çünki olar daşdandy we daşlar bolsa gürlemeýärler.

Ybraýym olara: (مَا لَكُمْ لَا تَنطِقُونَ)

“**Size näme boldy, dymýarsyňyz?”** (Soffat 37/92)

Butlar dymdylar we gürlemediler.

Ybraýym gazaplandy we paltany alyp butlary bir gyradan uryp, döwmäge başlady. Emma iň uly buta Ybraýym degmedi we ony döwmän goýdy. Gidende bolsa, paltany uly butyň boýnuna asyp gitdi.

**5-Buny kim etdi?**

Ynsanlar baýramdan gelen dessine buthana girdiler. Çünki butlara sežde etmek isleýärdiler. Emma ol ýere girenlerinde bolsa, haýran galyp, heder etdiler.

We Olar: (قَالُوا مَن فَعَلَ هَذَا بِآلِهَتِنَا)

“**Kim biziň ilähleriмizi beýle etdi?”** diýdiler. (Enbiýa 21/59)

Olaryň içinden käbirleri: (قَالُوا سَمِعْنَا فَتًى يَذْكُرُهُمْ يُقَالُ لَهُ إِبْرَاهِيمُ )

“**Ybraýym diýip, bir juwanyň butlar hakynda bir zatlar diýenini eşitdik.”** diýdiler. (Enbiýa 21/60)

Olar Ybraýymy ýanlaryna çagyryp: (قَالُوا أَأَنتَ فَعَلْتَ هَذَا بِآلِهَتِنَا يَا إِبْرَاهِيمُ)

“**Eý Ybraýym! Sen biziň ilählerimizi bu ýagdaýa saldyňmy diýdiler.”** (Enbiýa 21/62)

Ybraýym olara: (قَالَ بَلْ فَعَلَهُ كَبِيرُهُمْ هَذَا فَاسْأَلُوهُمْ إِن كَانُوا يَنطِقُونَ)

“**Belkem şu uly but döwendir, siz şu butlaryňyzdan soraň eger olar gürleýän bolsalar! -diýdi.”**(Enbiýa 21/63)

Emma ynsanlar butlaryň daşdan ýasalandygyny, butlaryň eşitmeýändiklerini, gürlemeýändiklerini bilýärdiler. Edil şonuň ýaly uly butyň hem daşdygyny bilýärdiler. Uly butyň ýöremeýändigini we hereket etmeýändigini şonuň üçin hem uly butyň beýleki butlary döwmejekdigini bilýärdiler.
Olar Ybraýyma: Sen bilýärsiňä butlar gürlemeýärler! -diýdiler.
Ybraýym olara: Onda näme üçin peýda we zyýan berip bilmeýän butlara ybadat edýärsiňiz? Olaryň eşitmeýändiklerini we gürlemeýändiklerini bilip duryp, näme üçin olara ýalbaryp doga-dileg edýärsiňiz? Siz düşünmeýärsiňizmi? Siz pikirlenmeýärsiňizmi?
Bu sözleri eşiden ynsanlar dymdylar we uýalyp-utanyp galdylar.

**6-Sowuk ot!**

Ynsanlar jemlenişip: Ybraýymy näme edeliň, diýdiler? Olar: Ybraýym biziň butlarymyzy kemsitdi, olary peseltdi! Şonuň üçin oňa näme jeza bermeli? -diýdiler.
Olar netijede Ybraýyma jeza höküminde: (قَالُوا حَرِّقُوهُ وَانصُرُوا آلِهَتَكُمْ إِن كُنتُمْ فَاعِلِينَ)
“**Eger bir zatlar etjek bolsaňyz! Ybraýymy otda ýakyň we ilähleriňize kömek ediň, diýdiler.** ” (Enbiýa 21/68)
Olar ot ýakdylar we Ybraýymy oda taşladylar.
Emma Allah Tagala Ybraýyma kömek etdi we oda: (يَا نَارُ كُونِي بَرْدًا وَسَلَامًا عَلَى إِبْرَاهِيمَ )
“**Eý ot! Sen Ybraýyma sowuk we aman-esen bol**” diýdi. (Enbiýa 21/69)
Allah Tagalanyň buýruşy ýaly ot sowuk, aman-esen boldy. Ynsanlar odyň Ybraýymy ýakmaýanyny, Oňa zyýan bermeýänini gördüler.
Ynsanlar Ybraýyma hiç zat bolmaýanyny, onuň sag-salamat bolup duranyny görüp haýran galyp, heder etdiler.
*Ebu'l Hasan Ali En-Nedewi: Kysasu'n Nebiýýin../ Pygamberleriň kyssalary.*